# BIODÜRLÜLIK HAKYNDA KONWENSIÝANYŇ BIOHOWPSUZLYK BOÝUNÇA KARTAHENA TESWIRNAMASY

Genetiki taýdan modifisirlenen organizmler– genetiki taýdan düzümi üýtgedilen organizmler bolup, häzirki wagtda köp ýurtlarda oba hojalygynda, farmasewtikada we ykdysadyýetiň käbir beýleki pudaklarynda giňden ulanylýar.

## TARYHY:

XX asyryň ikinji ýarymynda ylmyň we tehnologiýalaryň esasy ugurlaryndan biri bolan biotehnologiýa ýa-da gen inženeriýasy güýçli depginde ösdi. Köp ýurtlarda alnyp barylýan barlaglaryň, ylmy tejribeleriň netijesinde genetiki düzümi üýtgedilen täze, genetiki taýdan modifisirlenen organizmler, esasan hem köp sanly ösümlikler (pomidorlar, ýer tudanasy we beýlekiler) döredi. Şeýle organizmler iýmit önümleriniň, içgileriň, derman serişdeleriniň, oba hoajlyk mallary üçin taýýarlanýan iýmleriň düzümine girýär. Şol bir wagtda hem genetiki taýdan modifisirlenen organizmleriň adamlaryň, haýwanlaryň saglygyna, daşky gurşawa edýän täsiri häzire çenli näbelli bolup galýar. Şonuň üçin hem, Biodürlülik hakynda konwensiýanyň çäklerinde Biohowpsuzlyk boýunça ýörite teswirnama işlenip taýýarlandy.

Bu teswirnama Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Taraplarynyň 2000-nji ýylda Kolumbiýanyň Kartahena şäherinde geçen Maslahatynda kabul edildi.

Biodürlülik hakynda konwensiýanyň Biohowpsuzlyk boýunça Kartahena teswirnamasyny Türkmenistanyň Mejlisi 2008-nji ýylyň 22-nji fewralynda tassyklady.

**ESASY MAKSADY:**

- Biohowpsuzlyk boýunça Kartahena teswirnamasyna laýyklykda döwletler düzüminde genetiki taýdan modifisirlenen organizmleri saklaýan oba hojalyk we iýmit önümlerini, derman serişdelerini öz ýurduna getirmäge (import etmäge) razydyklaryny ýa-da razy däldiklerini beýan etmäge hukyklary bardyr. Şol bir wagtyň özünde şeýle önümleri eksport edýän ýurtlar ol ömümleriň düzümi barada doly maglumatlary bermäge borçludyrlar.

**TESWIRNAMANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇLARY:**

Biohowpsuzlyk boýunça Kartahena teswirnamasyny tassyklan ýurtlar:

- Genetiki taýdan modifisirlenen organizmleri özünde saklaýan önümleri ýurda getirmek we ýurtdan çykarmak bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýän kanunçylyk binýadyny taýýarlamaga;
- Utgaşdyryjy merkezi döretmäge we Teswirnamanyň sekretariaty bilen aragatnaşyk saklamaga hem-de Teswirnamanyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişi barada hasabatlary taýýarlamaga jogapkär hünärmeni bellemäge;
- Biohowpsuzlyk babatda adamlaryň bilim derejesini we degişli edaralaryň mümkinçiliklerini ýokarlandyrmakda hyzmatdaşlyk etmäge;
- Islendik genetiki taýdan modifisirlenen organizm alnanda, gaýtadan işlelende, daşalanda we peýdalanylanda adamlaryň saglygyna, biodürlüligiň goraglylygyna zyýanly täsirini göz öňünde tutmaga;
- Eger-de genetiki taýdan modifisirlenen organizmleri ýurduň içinde ulanmak we bazarlarda ýerlemek barada karar kabul edilen halatynda ol barada beýleki ýurtlary habarly etmäge borçlanýarlar.